# Türkmensiň

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmensiň TÜRKMENSIŇ

Tarypyň bar, halkym, taryp eýläýin,
Sary ýaýyň kirşin çeken Türkmensiň.
Hakyň bar, haklysyň, adyň toýlaýyn,
Gyrat bilen jülge söken Türkmensiň.

Her ýigidiň taýdyr ýüz müň duşmana,
Il haky üçin olar dözýärler jana.
Her kes gadam goýsa bu hanymana,
At üstünde başyn kakan Türkmensiň.

Seňkidir ol mertler—Ýusup, Görogly,
Göroglyň taýy bar müň murty towly,
Hak işdir maksadyň, hakyňky şowly,
Hak göreşde mydam ýykan Türkmensiň.

Söweşde ýeňmeklik saňa adatdyr,
Duşmana baş egmek taryhy ýatdyr,
Dabaraňa köşgüm müň top atanda,
Şöhrat tugun her ýan diken Türkmensiň.

Owazyň seň gelýär gat-gat uzakdan,
Söweş bilen sen gutuldyň duzakdan,
Doganyň bar özbek, gyrgyz, gazakdan,
Gül bakjaňa ýeňiş eken Türkmensiň.

Gurbandurdy GURBANSÄHEDOW. Goşgular